**Türkmenistanyň Statistika
baradaky döwlet komitetiniň
2024-nji ýylyň 23-nji fewralyndaky
№ 17-Ö buýrugy bilen tassyklanyldy**

**№ 1 - kärende (döwlet emlägi) «Döwlet emläginiň kärendesi baradaky jemleýji hasabat» (çärýeklik) döwlet statistik hasabatlylyk formasyny doldurmak boýunça
GOLLANMA**

№1-kärende (döwlet emlägi) «Döwlet emläginiň kärendesi baradaky jemleýji hasabat» formasy boýunça hasabat Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi tarapyndan Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetine hasabat döwründen soň aýyň 1-ne tabşyrylýar.

1-nji bölümiň bellige alyş döwründen başlap döwlet emlägini kärendä (kireýne) bermek (2000-nji ýylyň aprel aýynyň 1-inden) 1.1 bölümçesinde bellige alnan şertnamalaryň jemi bölüminde bellige alnyşyň başyndan bäri, ýagny 2000-nji ýylyň 1-nji aprelinden, döwlet emläginiň kärendesi üçin ozal baglaşylan şertnamalar boýunça maglumatlar artýan jem bilen görkezilýär. Bölüm boýunça maglumatlar tutuş Türkmenistan boýunça, Aşgabat ş., Arkadag şäheri hem-de welaýatlar boýunça, ykdysady işleriniň görnüşleri we kärendä berilýän esasy serişdeleriň görnüşleri boýunça görkezilýär.

1-nji bölümiň 1.2 bölümçesinde bellige alyş döwründen başlap döwlet emlägini kärendä (kireýne) bermekden gelen serişdeler (2000-nji ýylyň aprel aýynyň 1-inden) gelen pul serişdeleriň we olaryň Türkmenistanyň Altyn Asyryny ösdürmegiň döwlet gaznasyna, Aşgabat ş. häkimliginiň býujetden daşary hasabyna we balans saklaýjylaryň hasabyna paýlanyşy Aşgabat ş., Arkadag şäheri hem-de welaýatlar bölünişiginde görkezilýär.

2-nji bölümiň 2.1 bölümçesinde “Ýylyň başyndan döwlet emlägini kärendä (kireýne) bermek” ýylyň başyndan bäri döwlet emläginiň kärendesi üçin täzeden baglaşylan we möhleti uzaldylan şertnamalar boýunça maglumatlar artýan jem bilen görkezilýär. Bölüm boýunça maglumatlar tutuş Türkmenistan boýunça, Aşgabat ş., Arkadag şäheri hem-de welaýatlar bölünişiginde ykdysady işleriniň görnüşleri we kärendä berilýän esasy serişdeleriň görnüşleri boýunça görkezilýär.

2-nji bölümiň 2.2 bölümçesinde “Ýylyň başyndan döwlet emlägini kärendä (kireýne) bermekden gelen serişdeler” pul serişdeleriň we olaryň Türkmenistanyň Altyn Asyryny ösdürmegiň döwlet gaznasyna, Aşgabat ş. häkimliginiň býujetden daşary hasabyna we balans saklaýjylaryň hasabyna Aşgabat ş., Arkadag şäheri hem-de welaýatlar bölünişiginde görkezilýär.

**Ykdysadyýetiň döwlete dahylsyz
böleginiň statistikasy müdirligi**